# Gülem söýer, guşam söýer

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Gülem söýer, guşam söýer GÜLEM SÖÝER, GUŞAM SÖÝER

Hakyň nury bar ýüzüňde,
Gün dogan gara gözünde,
Dünýäň heňi ýar sözünde,
Gülem söýer, guşam söýer.

Guýyň düýbünden idelen,
Gülüň roýunda dideleň,
«Ýer-u-gök aşyk» diýdiler,
Gülem söýer, guşam söýer.

Sekiz gat asman eýesi,
Edepde älem söýesi,
Belent gaýaň mumyýasy,
Gülem söýer, guşam söýer.

Gül bitipdir düz ýerinde,
Guw hoşaldyr ýüzerinde,
Yşkyň gözel güzerinde,
Gülem söýer, guşam söýer.

Yhlas, hyjuwy serinde,
Oturmyş bagy Eremde,
Ýar-ýara gujak gerende,
Gülem söýer, guşam söýer.

Bähre alyp bagtly günden,
Guşlar joşar, çogar güller,
Ýar ýylgyrsa dünýä güler,
Gülem söýer, guşam söýer.

Amanmyrat USSAÝEW. Goşgular